# Sebäpsiz ajal

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sebäpsiz ajal SEBÄPSIZ AJAL



Segsene ser uran goja şo günem,
Ýorunjadan gölä orupdy irden.
Öýle çagy öýde oturan çagam,
Gözlerin tegeläp ýykyldy, birden.
Ah-wah-y ýok, gepi-gürrüňi-de ýok,
Huşy çaşyp, demi giden şo demde.
Üýşüp gelen ýakyn-ýatlar diýenler:
Näm bolduka?! Ýöräp ýördi-le bende!

O ýerim, bu ýerim diýenokdy bi,
Diýdi biri, dek düýn duşdum, gepleşdim.
Ýene biri: – Ahow, sen ony diýýäň,
Ýap-ýaňydy, salamlaşdym, elleşdim.

…Her kim bu ajala sebäp gözledi,
Geň zat, hiç kim garrylykdan görmedi.

Geldimyrat SEÝIDOW. Goşgular